# Ganatly bedewler

*Türkmenistanyň Prezidenti*
*Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:*

– Biz sähelçe salym hem özümiziň bedewlerimize berýän ünsümizi gowşatmaýarys, sebäbi olar biziň guwanjymyz we şöhratymyzdyr, biziň ruhy galkynyşymyzyň çeşmesidir. Türkmen topragynda doglan ahalteke bedewi tebigatyň we adamyň ösen zähmetiniň we akyl-paýhasynyň peşgeş beren ajaýyp sazlaşygynyň, owadanlygyň, gözelligiň we gaýtalanmajak okgunlygyň simwoly bolup durýar.

# Ganatly bedewler

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2011

UOK 77+599.723
G 17

**Ganatly bedewler.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

Tebigatyň we adam elleriniň döreden bu ajaýyplygyna – ahalteke bedewine ähli giňişliklerde uly gyzyklanma bildirilmeginiň manysy doly düşnüklidir, bedew hakyndaky şöhrat asyrlaryň we müňýyllyklaryň dowamynda birjik-de egsilmändi.

Häzirki günde asman bedewleriniň şöhratynyň ýokary göterilişi öz topragynyň we halkynyň ynamdar ogly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ady bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ýurtda atçylygy ösdürmegiň milli medeniýetini dikeltmek boýunça amala aşyrylýan ähli zat «Döwlet adam üçindir!» diýen baş sygara tabyn edilen özgertmeleriň bitewi syýasatyndan gelip çykýar.

Türkmen topragynyň buýsanjy we şöhraty bolan ahalteke bedewi özalkyşy ýaly türkmeniň ýüreginiň töründe, oňa şu kitap-albomyň sahypalaryny agdaryp, göz ýetirmek bolar.

TDKP № 48, 2011

KBK 28.683+85.163 (2Tü)

© Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011



«Saňa at diýmerin, gardaş diýerin, Ýöne sen dogandan hem zyýada». Ölmez-ýitmez «Oguznama» eposynyň bu täsir ediji setirlerinde türkmeniň öz bedewine bolan baky, egsilmez söýgüsiniň nähili güýji jemlendikä? Ine şeýdip, gadymy rowaýatçylar adamyň ýüregine sygmaýan duýgynyň güýjüni anyk we çeýe beýan edipdirler. Ýöne esasy geň zat, ol hem bu söýginiň öňünde wagt hem güýçsüz bolup çykypdyr. Ýüzýyllyklar, eýýamlar geçdi, XXI asyryň bosagasynda bolsa, ahalteke bedewi ozalkysy ýaly türkmeniň ýüreginiň töründe, oňa şu albomyň sahypalaryny agdaryp, göz ýetirmek bolar.








*Allanyň gudraty bilen tebigatyň ýyndamlyk we ajaýyplyk ecilen bedewleri.*




Bedew – tebigatyn we adamzadyn
döreden in ynamdar jandary.
Akhan – gyr, 2006 ý. d.
Atasy: Gurply
Enesi: Ruhubelent.



Türkmen bedewiniň özboluşly taryhy ensiklopediýasy we ýalkymly senasy bolan Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň galamyna degişli «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» diýen kitap eýýäm köp dillere terjime edildi. Bütin dünýäniň okyjylary türkmen bedewiniň diňe bir türkmen topragynyň buýsanjy we şöhraty bolman, eýsem dünýä siwilizasiýasynyň baýlygy, gazananlary bolup durýandygy hakyndaky bahasyna ýetip bolmajak maglumatlary aldylar. Tebigatyň we adam elleriniň döreden bu ajaýyplygyna – ahalteke bedewine ähli giňişliklerde uly gyzyklanma bildirilmeginiň manysy doly düşnüklidir, bedew hakyndaky şöhrat asyrlaryň we müňýyllyklaryň dowamynda birjik-de egsilmändi.

Häzirki günde bu asman bedewleriniň şöhratynyň has-da ýokary göterilişi öz topragynyň we halkynyň ynamdar ogly – Gurbanguly Berdimuhamedowyň ady bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ähli adamzat durmuşynyň belentliklere tarap ösýän döwründe millete ýolbaşçylyk etmek bilen, türkmen Lideri täze eýýamyň wezipelerine öz Watanynyň tutuş egsilmez potensialyny tabyn etdi, ýurduň ýerasty baýlyklary halkyň göwni ýaly egsilmezdir.

Öz halky bilen bir jan-bir ten bolmak bilen, Türkmenistanyň Baştutany akyl-paýhasyny jemgyýetiň täze nusgasyny (modelini) döretmäge gönükdirdi, milli taglymat dörediji maksatlara gulluk etmek bilen, jemgyýetçilik bedenini (organizmini) mäkämleşdirýär, pugtalandyrýar, onda durnuklylygy we döwrüň çagyryşlaryna duýgurlygy umumylaşdyrýar.





*Türkmenler öz atlary üçin esbaplary ýasap, olary söýgi bilen bezäpdirler.*





*Bedewiň hemişe öz ady bolupdyr.*

*Polatly – mele, 2006 ý. d.*
*Atasy: Pyýada*
*Enesi: Kenar.*



*Bedewleri kellelerinin sypaýy keşbi, uzyn boýny, näzik sagrysy has-da görkleşdirýär.*

*Darhan – 2006 ý. d.*
*Atasy: Goar 17*
*Enesi: Täze 11*



Täze Galkynyş eýýamynyň esasy maksadyny Türkmenistanyň Baştutany mydama görkezýär – halkyň gahrymançylykly taryhynyň tutuş dowamynda ony öňe ilerleden döredĳi gujuryny oýarmakdan ybarat. Özünde durmuş zehinini, çeper duýgyny we töwerekdäki gurşawyň sazlaşygyny jemlän ol gujurda ähli zat döredilen, oňa millet şu gün hem buýsanýar hem-de guwanýar. Bedew bu ýerde hem adam bilen tebigatyň bilelikde döreden iň diri we ynandyryjylykly subutnamasy bolup, birinji orunda durýar. Milli mentalitetiň özenini, halk häsiýetiniň oňurgasyny düzýän däp-dessurlaryň aýdyň göterijisi bolup çykyş edýän ahalteke bedewi döwlet nyşany hökmünde Türkmenistanyň Tugrasynda şekillendirildi, özüniň iň täze taryhynyň şöhratly döwründe ýaşaýan ýurduň kuwwatyna we gerimine laýyk döwlet aladasyna we ünsüne mynasyp boldy.





*Ahalteke atlaryny bir gören hiç wagt unutmaz.*

*Galkynyş – mele, 2003 ý. d.*
*Atasy: Gojagurt*
*Enesi: Daýanç*





*«Altyn asyryň altyn bedewi» Ýanardag Türkmenistanyň Tugrasynyň bezegidir.*




Häzir Türkmenistan dünýä arenasynda özüniň giň möçberli teklipleri we olary gyşarnyksyz berjaý edýän ýurt hökmünde özüni aýan eden ýurtdur. Şu günki günde ata-babalaryň gadymy topragynda dikeldilen, gurlan, bina edilen ymaratlaryň we çekilen ýollaryň ählisi – bu soňky ýyllarda dünýäniň köpsanly ösen döwletleri bilen deňleşen, köp babatda öňe hem geçen häzirki zaman döwletiniň kuwwatynyň nesilleriň arzuw-hyýaly bilen olaryň ata-babalarynyň wesýet eden ruhy kuwwatynyň birleşmegidir.



Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan dünýä arenasynda iň işjeň orny eýelemek bilen, halkara bileleşiginiň işlerine deňhukukly hyzmatdaş hökmünde hem, parahatçylygy, howpsuzlygy we netijeli hyzmatdaşlygy üpjün etmek boýunça batyrgaý taslamalaryň tagallaçysy (inisiatory) bolup hem çykyş edýär.

Şunda daşary syýasatyň üstünligine, ýurduň halkara abraýynyň artmagyna içerki özgertmeleriň netijeliligi ýardam berýär, bu döwlet Baştutanynyň ýöredýän syýasatynyň açyklygyny, ony kuwwatly innowasiýalaryň düzýändigini umumylykda häsiýetlendirýär.



*Türkmenistanyň ak mermerli paýtagtynyň häzirkizaman görnüşi.*







*Suw çüwdürimleri*
*ak mermerli şäheriň*
*görküne görk goşýar.*






SERGI KÖŞGI







*Gaýduwsyz söweşiji özüniň wepaly atynda.*



*Halkym üçin – buýsanç bilen.*





*Mary.*
*Milli äheňli täze binalar. Bu ýer myhman-söýerlik ruhy bilen gaplanandyr.*







*1988-nji ýylyň 31-nji maýynda*
*Bekrewe sähercesinde gecirilen*
*at capysygynyň baýrakly ornuna*
*mynasyp bolan, ahalteke bedewleriniň*
*tohumlyk secgileriniň birnäce gezek*
*cempiony – meshur Polatly.*





*Bedew saý-sepleri: göwüsbent, uýan, boýuntyryk.*









Şu ýerden ähli ösüş gelip çykýar, ol haýsy pudaga dahyllydygyna garamazdan, maksatlaýyn, toplumlaýyn häsiýete eýedir, bir bitewi ulgama birleşdirilen köp sanly wezipeleriň özara çözülmegini üpjün edýär. Atçylyk hem bu ýerde, obrazly aýtsak, ahalteke bedewiniň ýyndamlygy ýaly ösdürilýär. Häzirki günde ýurtda atçylygy ösdürmegiň milli medeniýetini dikeltmek boýunça amala aşyrylýan ähli zat «Döwlet adam üçindir!» diýen baş şygara tabyn edilen özgertmeleriň bitewi syýasatyndan gelip çykýar. Ahalteke bedewi dost hökmünde, dogan hökmünde bu ýerde çetde durup bilmez, tersine, Prezidentiň sözlerine görä, «atyň we adamyň dostlugynyň dünýädäki ajaýyp hadysasynyň janly nusgasyny özünde jemleýär, bedewe biziň medeniýetimiziň hem, tutuşlygyna dünýä medeniýetiniň hem seýrek hadysasy hökmünde baha bermek heniz öňde dur», bedew häzirki günde Täze Galkynyş eýýamynyň ähli many-mazmuny boýunça häzirki zaman siwilizasiýasynyň gymmatlyklarynyň basgançagynda özüne mynasyp orny eýelemäge haklydyr.



*Ömrüni ahalteke atlaryna bagyşlan tälimçi-seýislere minnetdarlyk.*
*Gyrat – Beýik Ýeňşiň 65 ýyllygyna bagyşlanan dabaraly parada gatnaşyjy. Moskwa, 2010-njy ýylyň 9-njy maýy.*

*Gyrat – gyr. 1999 ý.d.*
*Atasy: Garasaýak*
*Enesi: Gülperi*







*1926-njy ýylda Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Garadaşaýak obasynda doglan tälimçi-seýis, çapyksuwar, Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Orazgelgi Atamyradow.*



*Mähir we alada bilen eldekileşdirilen.*

*Kermek – gara, 1987 ý.d.*
*Atasy: Kelam*
*Enesi: Akyllyguş*



*Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Kösi obasynda doglan tälimçi-seýis, çapyksuwar, Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Taýly Taýmazow.*



*Pereň – mele, 1955 ý.d.*
*Atasy: Erkuş*
*Enesi: Pobeda*
*Doglan ýeri: «TSSR-iň 40 ýyllygy» kolhozy*



*Sap arassa ganly ahalteke bedewi.*

*Pyýada – mele, 1990 ý.d.*
*Atasy: Pudak*
*Enesi: Bossan*





*Pakyrpälwan – 1951 ý.d.*
*Atasy: Fakirsulu*
*Enesi: Egoza*
*Doglan ýeri: «Komsomol» atçylyk fermasy*



*Çepde Şantakbaý Žaýlanow, sagda Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Rahym Ataýew meşhur Polatly bilen. «Komsomol» atçylyk fermasy (häzirki S.A. Nyýazow adyndaky atçylyk toplumy).*



*Ezber Babalyýew 190 sm beýiklikdäki «Päsgelçilikli at çapyşygynyň» ýeňijisi Böri bilen.*







*Penteli – 1964 ý.d.*
*Atasy: Fakirpälwan*
*Enesi: Peýdaçy*



*Aksakal –1948 ý.d.*
*Atasy: Köşpeli*
*Enesi: Arma*

*Bu bedewler kämilligiň ýokary derejesi, atçylygyň taýsyz jöwheridir.*
*Gözellik bäsleşiginiň birnäçe gezek ýeňijisi – Pyýada.*







*Aşgabat şäheriniň Çandybil etrabynyň Bekrewe şäherçesiniň ýaşaýjysy, «Komsomol» atçylyk fermasynyň tälimçi-seýisi, çapyksuwary Ata Ýolowow.*

*Erkuş – 1948 ý.d.*
*Atasy: Skak*
*Enesi: Ýorkanjan*
*Doglan ýeri «TSSR-iň 40 ýyllygy» kolhozy*





*Baýramçylyklaryň bezegi atly jigitler.*
*Ýol beriň, ahalteke atlary gelýär.*







*Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Akdaşaýak obasynyň tälimçi-seýisi, çapyksuwary Baba Annaseýidow.*



*Absent (gara) – 1951 ý.d.*
*Atasy: Arap*
*Enesi: Bakkara*
*Olimpiýa oýunlarynyň atçylyk sporty boýunça çempiony*



*Ahalteke atlary ýukadan öwüsginli, näzik derileri bilen tapawutlanýar.*

*Döwletli – dor, 2006 ý.d.*
*Atasy: Gala*
*Enesi: Tapylar*



Geçen eýýamlaryň ýyndamlygynyň nusgasy bolan, dünýä atçylyk medeniýetiniň ähli gymmatlyklaryny özünde jemlän, taryhyň gatlaryna bedew – gahryman esger we bedew – ýeňiji hökmünde giren ahalteke bedewi sport meýdançalarynda hem uly şöhrata eýe boldy, ýer ýüzünde iň ýyndam bedew hökmündäki özüniň abraýly derejesini tassyklady.

Ahalteke bedewiniň tohumyna hakyky belet we uly baha beriji, bedewi jany-teni bilen gowy görýän, bedewe uly hormat goýýan Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow öz kitabyny ýazmak bilen, bularyň ählisi we köp beýlekiler babatda türkmen halkynyň görlüp-eşidilmedik sungatynyň çeşmelerini, gözbaşlaryny janlandyrdy. Bedewlere bolan söýginiň ata-babalardan galan mirasy döwlet derejesindäki we düzümindäki bedewler hakyndaky alada utgaşdy.





Dogrusy, kitabyň özi hem bu gerimi kesgitledi, şonuň üçin ol manysy boýunça maksatnamalaýyn resminama öwrüldi, dünýäniň döräninden şu günlere çenli siwilizasiýanyň taryhynda ahalteke bedewiniň ornuny we ähmiýetini hem-de degişli derejede bahasyna ýetip bolmajak milli baýlyk üçin türkmenleriň häzirki nesliniň jogapkärçiligini kesgitledi. Kitap her bir türkmene öz-özüne çuňňur düşünmäge, özüniň durmuşy söýşüniň häsiýetiniň gözbaşyna akyl ýetirmäge we Ýer ýüzünde iň ýyndam we birgeňsi görnüşli bedewi oňa tebigatyň Hudaý tarapyn peşgeş berendigine mynasyp baha bermäge kömek etdi.

Ýöne esasy zat, bedewe ruhy göteriji bolan bu öwgi halkyň ruhy galkynyşyny, diýseň zähmetsöýerligini häsiýetlendirdi, türkmen halky maddy medeniýetiň ölmez-ýitmez hazynalaryny döretdi. «Ýogsam-da häzirem asman aýyndaky iň oňat bedew ahalteke bedewidir. Türkmen halysy, saryja goýny, türkmen iti «alabaý», özüniň görnüşi boýunça gaýtalanmajak waharman gawuny hem, türkmen gelin--gyzlarynyň milli egin-eşikleri hem, biziň halkymyzyň şahyrana kalbyndan ruhlanyp kümüşden ýasalan bezeg şaý--sepleri hem ýer ýüzünde iň gowusydyr» diýip ýazmak bilen, awtor bu halka mynasyp baha berýär, ol gymmatlyklar halka degişlidir.







*Milli saý-sepler.*

*Tükmen halky ata-babalarynyň taryhy müňýyllyklara uzap gidýän medeni mirasynyň eýesidir.*









Toý bezegleri.





Sagdyn türkmen iti



*Dostlar*

*Bilelikde gyzykly*









Çopan iti – Alabaý.







Saryja tohum goýunlary.





Kitap – ýadygärlik, kitap – wesýet, kitap – derňew, kitap – ykbal... Awtor özüniň professional işi boýunça alym bolmak bilen, öz üstüne ýer ýüzünde özüne meňzeş bedewleriň arasynda ahalteke bedewiniň ilkinji dörändigini subut etmek üçin ylmy batyrgaýlygy aldy we çuňňur gaýtadan işlenilen we taryhy hem-de ylmy materiala täzeden akyl ýetirme esasynda gurlan logiki gurluşlaryň inkär edip bolmajak mysallaryny getirip, muny subut etdi.









Ähli jandarlardan gözel
ahalteke bedewi.

«Iň gowy ahalteke bedewi»,
bäsleşiginiň ýeňijisi – Şekilli.

Şekilli – mele, 2006 ý.d.
Atasy: Tebigat
Enesi: Dürligözel



Aşgabat agşamynyň öwüşginleri.





*Binagärligiň kämil gözelligi.*





Türkmenleriň seleksion ukybyny seljermek bilen awtoryň gelýän netijesi ahalteke bedewleriniň ähli müňýyllyk seleksiýasy – bu hökmany bir tohumyň içindäki ajaýyp ugruň çaknyşdyrylmagynda jemlenilýär – munda hiç hili yza çekilme bolmaly däldir. Bu ýagdaý ýyldan ýyla, asyrdan asyra, müňýyllykdan müňýyllyga geçipdir. «Bu ganyň durnuklylygy, onuň müňýyllyk seleksiýada önüm öndürmäge we islendik çaknyşdyrmada üstün çykmaga ukyplylygy bu tohumyň esasy mertebesidir, bu ýagdaý oňa Ýer ýüzünde fiziki ölmez-ýitmezligi üpjün edipdir» diýlip, kitapda aýdylýar.





*Duýdansyz öwrüm.*







*Birek-birege wepaly dostlar.*



*Kämilligiň çür depes*

*Gülendag – dor, 2002 ý.d*
*Atasy: Gale*
*Enesi: Gaýta*



*«Iň owadan ahalteke bedewi – 2010» bäsleşiginiň ýeňijisi – Görkli.*

*Gorkli – mele, 2007 ý.d.*
*Atasy: Gadymyýet*
*Enesi: Gülpamyr*





Bu sözleriň adalatlydygyny şu aşakdaky faktlar tassyklaýar: häzirki günde naýbaşy bedewleriň genofondy on ýedi sany şejere nesliň ugruna degişli, 2 ýaşdan alty ýaşa çenli taý öndürijileriň 88-si bardyr, olar ahalteke bedewleriniň tohum gurluşynyň görnüşini düzýärler. Iş ýüzünde bolsa, häzirki günde ýurtda bar bolan bedewleriň birnäçe müň baş sanynda şu hakyky altyn genofonda eýe bolmak üçin bedewi çyn ýürekden nähili söýmeli, onuň ganynyň arassalygy hakynda nähili alada etmeli?!

Ýöne ahalteke bedewleri baş sany boýunça sanalmaýar, ýogsam pudagyň dikeldilmegi mynasybetli olaryň baş sany yzygiderli artýar. Bu ýerde esasy ölçeg – naýbaşy bedewiň, ýagny tohumyň ýokary standartlara has laýyk gelmegi. Bedew şonuň üçin dostdur hem, onuň mydama öz ady bolupdyr.



*Türkmen tebigatynyň gelşigi bedewler.*





*Jana tenekar arassa howa we tebigat özboluslylygy.*





*Gamysgulak bedewler*





*Garagumuň ýüpeksöw cägeligi bilen utgasyp capyp gelýän ahalteke bedewi.*



Mysal üçin, Boýnaw, onuň bilen XIX asyrda tohumçylyk ugrunyň hasaby ýöredilipdir, ýa-da tohum atlaryň çempiony eýýäm XX asyrda diri wagty ýadygärlige mynasyp bolan Polatly, ýa-da täze eýýamyň simwoly Ýanardag, onuň buýsançly şekili milli Tugrany bezeýär, ýene-de Absenti hem agzamak bolar, ol öz döwründe dünýäniň iň oňat sport bedewi diýlip atlandyryldy, ak reňkli Arap, onuň üstünde oturyp, marşal Žukow Ýeňiş paradyny kabul edipdi. Häzirki günde bedewleriň ýyldyzly asmanynda täze atlar peýda bolýar, mysal üçin, Gerekli we Şekilli – owadan mele bedewler 2009-njy we 2010-njy ýyllarda iň oňat ahalteke bedewleriniň gözden geçirilişiniň ýeňijileri boldular. Bu ýurduň taryhynda naýbaşy bedewleriň ilkinji gözden geçirilişidir, bu gözden geçirilişler döwlet Baştutanynyň karary bilen halkara statusyna eýe boldy we her ýyl aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde – Türkmen bedewiniň gününde – halkyň söýýän milli baýramlarynyň birinde geçirilýär.





*Ýakymy ýalkymly bedew.*





*Ýelden ýyndam, guş deý
uçar bedewler.*

*Ýanardag – mele, 1991 ý.d.
Atasy: Ýalkymly
Enesi: Dab[illegible]aly*





*Ýel bilen büsdes bedewler.*

Milli baýlyklara bolan garaýşy bilen şahsy görelde görkezýän milli Lideriň öz öňünde goýýan maksady täze wezipeleriň we mümkinçilikleriň derejesinde halkyň bedewe bolan söýgüsini dikeltmekden ybaratdyr. Prezidentiň şahsy göreldesi – bu onuň ýöredýän syýasatynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar, bu syýasat halkyň akyl-paýhasyna we ýüregine gönükdirilendir. Ol özüniň wezipesini durmuşa bolan beýik ruhy garaýşa gös-göni hyzmat etmekde görýär, şeýle garaýyş türkmenlerde mydama üstünligiň ölçegi we şertleri bolupdy.

Ak bedewe atlanyp, uçaryň şturwalynyň başyna geçip, deňiz laýnerini sürüp, kuwwatly KAMAZ-y dolandyryp, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow diňe bir ajaýyp fiziki we ruhy taýýarlygyny we her bir işde ýokary professional endiklerini görkezmän, eýsem, ol halkyň aňynda häzirki zaman jigidiniň keşbini pugtalandyrýar, jigit bolsa köp zady başarmalydyr – ilkinji nobatda, bilimli, fiziki taýdan taplanan, estetiki taýdan üşükli bolmalydyr. Bularyň hemmesi üstünlikli arzuwlardyr.



Ýurtda bilimi özgertmek, sagdyn ýaşaýşy ornaşdyrmak, sagdyn bedenli we sagdyn ruhly ösüp gelýän nesli terbiýelemek boýunça hereket etmegiň umumymilli maksatnamasy giňden ýaýbaňlandyryldy. Döwlet bular üçin güýji hem, serişdäni hem gaýgyrmaýar. Prezidentiň özi bolsa ähli täze başlangyçlaryň – Hazaryň ekologiki taýdan arassa kenarynda «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň gurluşygyndan başlap, Aşgabatda Olimpiýa şäherjiginiň düýbüni tutmak işlerinde öňbaşçy we ruhlandyryjy bolmakda birjik-de ýadamaýar, ýogsam bularyň ikisi hem dünýä derejeli we dünýä ähmiýetli desgalardyr. Bütin ýurt boýunça gurulýan sport desgalary – bular köpsanly stadionlardan, aýlawlardan, atçylyk sport toplumlaryndan we suw basseýnlerinden, tennis kortlaryndan hem-de weloterekleden, çagalar sport mekdeplerinden, dynç alyş we sagaldyş merkezlerinden ybaratdyr, bularyň hemmesi dünýä ölçeglerine laýyklykda ýokary hilli, diýmek, çynlakaý we uzak geljege niýetlenilip gurulýar.













*Hazaryň kenaryndaky deňiz kurorty – arassa suw, sypaly howa.*







Öwüsginli deňiz suwunyň tekizligi,









Türkmen olimpiýa suw-sport toplumy.

















*Pellehana ilkinji bolup kim ýeter?!*





*Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 15 ýyllygynyň toýlanyş dabarasynyň bezegi – bedewler.*



*Türkmeniň at üstündäki oýunlary halkyn häsiýet özbolușlylygyny söhlelendirýär.*





*Türkmen döwlet sirkiniň arenasynda.*





Şu güne çenli türkmenlerde her bir toý-baýram at çapyşyksyz geçirilmändir. Bu durmuşyň kanuny, durmuşyň ýola goýan kadasy. Nirede at çapyşygy bolsa, şol ýerde türkmen kalbynyň göwün guşunyň ýokary we ruhubelent dabaralanmasy, onuň duýgusynyň we şatlygynyň asmana göterilmegi bolup geçýär. Täzeden doly abadanlaşdyrylan Aşgabadyň aýlawynyň münberlerini mydama bedewleriň janköýerleri dolduryarlar, ol ýerde döwlet derejesinde uly gerim bilen naýbaşy bedewleriň ýazky we güýzki at çapyşyklary geçirilýär. Aty ozan çapyksuwarlara Prezidentiň sowgady – ýeňil awtomobilleriň açary gowşurylýar.

Ýöne ahalteke bedewleri diňe bir däbe öwrülen at çapyşyklarynda ýokary netijeleri görkezmän, eýsem atçylyk sportunyň beýleki görnüşlerinde hem ajaýyp netijeleri gazanýarlar. Eýýäm ýatlanylyp geçilen Arap XX asyryň ortalarynda dünýä rekordyny goýdy. Arap şonda beýikligi 2 metr 12 santimetr bolan päsgelçilikden böküp geçmegi başardy. Uzynlygyna bökmek boýunça (8 metr 78 santimetr) Perepýol dünýä rekordyny goýup, uly meşhurlyga eýe boldy. Ady belli Propeller üç görnüşli atçylyk sportunda tapawutlanypdy, Penteli, Geren we Magara bolsa atçylyk sportunyň olimpiýa görnüşleriniň birinde – bäsleşiginde ýokary netijeleri görkezdiler.

Häzirki günde 130 santimetr we ondan hem ýokary bolan päsgelçiligi atly böküp geçmek boýunça bäsleşigiň marşruty bellenildi we atçylyk sport ýaryşlarynyň görkezijisine girizildi, bu ýaryşlar ýurtda yzygiderli geçirilýär, olarda iň oňat bedewler we çapyksuwarlar ýüze çykarylýar.

Çapuw we sport bedewlerini halkara ýaryşlaryna taýýarlamak, atçylyk sportunyň dürli görnüşleriniň meşhurlygyny ýokarlandyrmak – ýurduň atşynaslarynyň iň möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar. Indiden beýläk ahalteke bedewine seýkin basyp gezelenç etmäge, halkyň kalbyna ýakyn gezelenç etmäge ýer bar. Ahal welaýatynda gurulýan diňe bir atçylyk sport toplumy 83 gektar meýdany eýelär. At çapyşygynyň barşyna birbada 7 müň tomaşaçy tomaşa edip biler, olar üçin bu toplumda açyk we ýapyk münberler gurlar.



*Perman – mele, 2008 ý.d.*
*Atasy: Pyýada*
*Enesi: Perisen*





*Marşal G.Žukow Arap atly ahalteke atynda Ýeňiş paradyny kabul edýär. Moskwa, 1945-nji ýyl.*









*Seýkin basan bedewler.*

*Kanun – mele, 2004 ý.d.*
*Atasy: Keýmir 2*
*Enesi: Sabyrly*







*Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumy Köpetdagyň eteginde ýerleşýär.*







*Ahal welaýatynyň atçylyk sport toplumy.*





*Täze gurulýan mermer öwüsginli bu bina atçylyk sportuny söýüjileriň merkezine öwrüler.*





*Balkan welaýatynyň atçylyk sport toplumy bu künjegiň täsinligine öwrüler.*







*Mary welaýatynyň atçylyk sport toplumy.*









*Lebap welaýatynyň atçylyk sport toplumy.*
*Medeni-sport kompleksi – ýaryşlaryň mekany.*









*Naýbasy bedewleriň capysyklarynyň geciriljek ýeri – Dasoguz welaýatynyň merkezi aýlawy.*







At üstündäki oýunlar, şeýle hem atçylyk sportunyň görnüşleri boýunça, şol sanda halkara derejesindäki ýaryşlar üçin ýapyk we açyk manežler göz öňünde tutulandyr. Bu desgalar özüniň ajaýyplygy boýunça Aşgabatdaky durky täzelenen sirkden birjikde yza galmaz, gürrüňsiz, atly jigitleriň – Türkmenistanda we onuň çäklerinden daşarda hem ägirt uly meşhurlyga eýe bolan sirk sungatynyň aýratyn görnüşiniň iň öňdebaryjy merkezleriniň biri bolar.

Elbetde, toplumda saklanyljak bedewler üçin hem aýratyn amatlykly şertler döredilер, ol ýerde çapuw bedewleriniň 400-si saklanylar. Onlarça at ýataklarda gurluşlarynyň aýratynlyklary mynasybetli amatly mikroklimat we tebigy ýelejiretme üpjün ediler, atlary çapyşyga taýýarlamak üçin ýörite jaýlar, karantin, weterinariýa we laboratoriýa jaýlary göz öňünde tutulandyr. Eminleriň, režissýorlaryň, gepleşikleri alyp baryjylaryň, audio hem-de wideostudiýanyň otaglary halkara standartlarynyň derejesinde enjamlaşdyrylar.

Ýöne esasy zat, bu täze aýlaw atçylyk sportunyň görnüşleriniň kadrlary, hünärmenleri üçin hakyky «ojaga» öwrüler. Bu ýerde ýöriteleşdirilen çagalar mekdep-internaty açylar. Onuň mugallymlary we türgenleşdirijileri üçin ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlarynyň – kottejleriň birnäçesi «atçylyk şäherjiginde» gurlar. Manysy boýunça bu ägirt uly medeni-sport we bilim toplumy bolar, ol milli we halkara derejesinde geçirilýän iri ýaryşlaryň merkezine öwrüler. Bu toplum atçylyk sportunyň ösdürilmegine, dünýä arenasynda Türkmenistana wekilçilik etmäge ukyply ussat seýisleri, çapyksuwarlary taýýarlamaga ýardam bermelidir.

Eger-de öz aralarynda merkezleşdirilen totalizator bilen birikdiriljek şuňa meňzeş toplumlaryň ýurduň her bir welaýatynda gurulýandygyny hasaba alsaň, onda nähili täze güýçleriň akymyna bu toplumlaryň garaşýandygyny, onuň näçe yhlasy we hyjuwy joşdurjakdygyny göz öňüne getirmek kyn däldir, olarsyz welin hakyky işler amala aşyrylýan däldir.





*Lälezarlykda örnemek.*



*Wagtyn eýesi bolmagy basaran bedewler geljekde de adamyn ýoldasy bolmagynda galar.*

*Gerden – dor, 2007 ý.d.*
*Atasy: Gaýduwsyz*
*Enesi: Güleken*





Elbetde, naýbaşy bedewleriň baş sanyny artdyrmak boýunça seleksion tohumçylyk işini mundan beýläkde kämilleşdirmek baş wezipe bolup durýar. Aýlawlaryň gurluşygy ýaly bu wezipäni öz gözegçiliginde saklaýan döwlet Baştutany möhüm umumymilli işe peýdaly hyzmat edip biljek her bir zady öz üns merkezinden sypdyrmaýar. Gürrüň ylmy-barlag atçylyk institutyny açmak barada, arassa ganly ahalteke bedewleri üçin ylmy esasda ýörite iýmleri öndürmek we munuň üçin her bir welaýatda ýörite ýer massiwlerini bölüp bermek barada, ylmyň soňky gazananlary boýunça tohum bedewleri ösdürip ýetişdirmek üçin athanalary gurmak barada ýa-da hili hemişe barlanylyp durulýan ýörite çägäni aýlawlaryň çapuw ýodasynda peýdalanmak barada barýan hem bolsa döwlet Baştutany olaryň hemmesine uly üns berýär.



*Näzik beden uz bedew.*

*Lacyn – gyr, 2006 ý.d.*
*Atasy: Gyrgygus*
*Enesi: Ýelmik*



*Hanburgut – «Iň owadan ahalteke bedewi» bäsleşiginiň ýeňijisi.*

*Hanburgut – mele, 2005 ý.d.*
*Atasy: Peýdaly*
*Enesi: Ýenis*









Bedewleriň bezeg şaý-sepleri türkmen atşynasynyň mydama aýratyn aladasy hem-de guwanjy bolupdyr we şeýle bolmagynda hem galýar. Bedewleriň däbe öwrülen kümüş şaý--sepleri hakynda gürrüň etmäniňde hem nallar, eýerler – bularyň ählisi özleriniň taýýarlanylyşynyň örän çeýeligi we nepisligi bilen tapawutlanýarlar.

Bu esbaplaryň köpçülikleýin öndürilmeginiň wezipesini öňde goýmak bilen, hormatly Prezidentimiz olaryň hiliniň asyrlarboýy dowam edýän standartynyň üpjün edilmegini talap edýär. Halkyň söýgüsini gazanan bedewler bilen baglanyşykly ähli zatlar özleriniň ýasalyşynyň aýratynlygy bilen mydama tapawutlanýardy.

Bir söz bilen aýdanyňda, bu söýgüli bedew häzirki günde ozal görlüp-eşidilmedik hormatyň eýesi, onuň arkasynda atçylyk pudagynyň infrastrukturasynyň ösdürilmegine we «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň işine ýadawsyz üns berýän döwlet Baştutanynyň guramaçylyk erki dur. Bu birleşigiň täze edara jaýy – ak mermere bürenen on bäş gatly jaýy dünýä standartlaryna laýyk gurlup, türkmen paýtagtynyň iň gözel ýerleriniň birinde ýerleşýär. Bu binanyň tutuş bir gaty türkmen bedewleriniň Milli muzeýine berlendir, ol ýerde halkyň asyrlarboýy atşynaslyk bilen baglanyşykly däp-dessurlaryna dokumental we material subutnamalar ýygnalypdyr.






*«Türkmen atlary» döwlet birleşigi.*







*«Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň atçylyk muzeýi.*

*«Iň gowy ahalteke bedewi» bäsleşiginde gazanylan baýraklar.*





*Milli taryhy eýeriň nusgalary.*



*Zeminde iň owadan at – ahalteke bedewi.*

*Garagum – mele, 2003 ý.d.*
*Atasy: Gamkeser*
*Enesi: Gülperi*



*Ýeňiş biziňki!*



*Hökman ýener!*







Köpetdagyň eteginde, tebigatyň gözel goýnunda gurlan häzirki zaman Ahalteke atçylyk toplumy öz işini üstünlikli dowam etdirýär, ol ýerde ajaýyp bedewleri ösdürip ýetişdirmek bilen birlikde atçylyk babatynda maksada gönükdirilen ylmy barlaglar alnyp barylýar. Her ýylyň geçmegi bilen ýurtda hususy atçylyk hojalyklarynyň sany hem artýar, olarda tohum atlary ösdürip ýetişdirmek işi halk seleksiýasynyň iň oňat däpleriniň derejesinde alnyp barylýar.

Ýurdumyzyň atçylyk pudagy birbada birnäçe ugurda ösmek bilen, häzirki günde hakyky gülläp ösüşi başdan geçirýär, bu ýagdaý tutuş dünýäde uly gyzyklanmanyň döremegine sebäp bolýar. Dünýä ýüzünde ahalteke bedewini tanaýarlar we ony söýýärler, muňa ştab-kwartirasy Aşgabatda ýerleşen Ahalteke atlarynyň halkara assosiasiýasynyň döredilmegi hem şaýatlyk edýär. Bu diňe bir ýurtda atçylyk işiniň ýola goýluşyna iş ýüzünde ägirt uly gyzyklanma bildirilýändigini aňlatman, eýsem bu ulgamda milli gazananylanlaryň ykrar edilmegine hem şaýatlyk edýär. Degişlilikde, hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň assosiasiýanyň prezidentligine saýlanmagy, onuň pudagyň häzirki ösüşine ägirt uly şahsy goşandyny beýan edýär.





*Annaguly Kiciýew – Türkmenistanyň at gazanan atsynasy, tälimci-seýis, capyksuwar.*



*Annaseýit Babaýew – tälimci-seýis, capyksuwar.*



*Agamyrat Annaseýidow – tälimci-seýis, capyksuwar.*



*Babaly Taýmazow – Türkmenistanyň at gazanan atsynasy, tälimci-seýis, capyksuwar.*







Al-ýaşyl öwüşgün gin lälezarlyklar – bularyň bary Türkmenistan.



*Aşyr Garrybaýew – Türkmenistanyň at gazanan atşynasy, tälimçi-seýis Serdar atly bedewde.*



*Gezelençde.*



*Gözellik bäsleşiginde.*







*Säher tälimi.*

*Gusgy – gara, 2007 ý.d.*
*Atasy: Ahal*
*Enesi: Gelin*




Döwlet Baştutanynyň başlangyjy boýunça «Türkmen bedewi we atçylygyň dünýä sungaty» diýen temada her ýyl Aşgabatda geçirilýän halkara ylmy maslahat dünýäniň onlarça ýurdundan alym-ippologlary ýygnaýar. Dünýä we türkmen ippologiýasynyň taryhy we häzirkizaman ösüşi, atçylygyň maddy-tehniki esaslary, genofondy saklamak, keselleri bejermekde ippoterapiýany peýdalanmak, atlaryň owadanlyk hilini saklamagyň we kämilleşdirmegiň iň täze usullary – ine, maslahatda ara alyp maslahatlaşylmaga hödürlenilýän temalaryň heniz doly bolmadyk sanawy. Bu temalar netijeli hyzmatdaşlyga we tejribe alyşmaga, özara peýdaly ylmy gatnaşyklary pugtalandyrmaga hyzmat edýärler. Milli we dünýä medeniýetiniň geň-taňlygy, gaýtalanmajak owadanlygyň, ýyndamlygyň we rehimdarlygyň simwoly hökmünde ahalteke bedewleri ozalkysy ýaly «dünýäniň medeni giňişliginiň ýerdäki bitewi dabaralanmasydyr».







Bu beýik milli baýlygy köpeltmäge özleriniň ýadawsyz zähmetini sarp edýän adamlar ýurtda aýratyn sylag we hormat bilen gurşalyp alynýar. Ata-babalarymyzyň mirasyna çuň kalbyndan çykýan mukaddes garaýyş bilen garaýanlara, atalarymyzyň däp-dessurlaryny öz ýüreklerinde saklaýanlara ýurtda uly hormat goýulýar. Atçylygyň milli muzeýi ahalteke bedewleriniň tohumyny saklamaga özleriniň ömrüni bagyş eden türkmen türgenleşdirijileriniň – seýisleriniň şöhratly terjimehalyny dabaralandyrýar. Olaryň biri Aba Annaýewdir, ol bütin ýurda belli bolan Berdimuhamet aganyň – Gurbanguly Berdimuhamedowyň doganydyr. Köpetdagyň etegindäki gadymy Yzgant obasynda – ahalteke bedewleriniň ata watanynda doglanlaryň ikisi hem özleriniň ajaýyp ülkesini söýüpdir we saýlap alan hünärlerinde ogul ýüreginiň ähli güýji bilen zähmet çekipdir. Biziň Prezidentimiziň atasy çagalary okadypdyr we orta mekdebiň müdiri bolupdyr, ol özüniň zähmetsöýerligi bilen obadaşlarynyň ýüreginde mynasyp orny almagy başarypdyr. Türkmen halkynda asyrlarboýy mugallymyň zähmetine uly baha berlipdir. Görşümiz ýaly, öz işine we borjuna hormat goýýan adamlara mydama türkmen jemgyýetinde ruhy esaslaryň gadymdan gelýän özeni hökmünde uly sarpa goýlupdyr.





Aba Annaýew öz Watanynda diňe bir ökde seýis hökmünde däl-de, eýsem zehinli seleksioner, arassa ganly bedewleriň eserdeň goragçysy hökmünde hem tanalypdyr. Onuň hususy hojalygynda birnäçe arassa ganly bedewler ösdürilip ýetişdirilipdir, hut şunuň özi hem onuň şol 17 ugry döreden halkyň müňýyllyk seleksiýasyna goşan goşandy hakynda gürrüň berýär. Bu ugurlar häzirki günde ahalteke tohum atlarynyň «arassa ganynyň» unudylmajak tohumynyň özenini düzýär.



Aba Annaýew we onuň atlary barada hormatly Prezidentimiziň kitabynda getirilen jümlelerde: «El bilen iýmitlendirilen, türkmen maşgalasynyň ählisiniň söýgüsi we aladasy bilen gurşalyp alnan ahalteke bedewi adam bilen hemişe jebis gatnaşykda bolupdyr, özi hem ynsanlaşypdyr. Bedew mydama diňe bir ýel ýaly, özüniň asyrlara siňen ýyndamlygyny ýüze çykarmak bilen däl-de, eýsem aýratyn rehimdarlyk häsiýeti bilen öz eýesini kyn ýagdaýdan alyp çykypdyr, bularyň ählisi özüne meňzeşleriň arasynda «arassa gany» saklaýan ahalteke bedewiniň manysyny düzüpdir. Owadan daşky keşbiniň astynda ýitileşen duýgy organlary, ýöne gözegçilik edijilikli temperament, inçe intellekt we wepaly ýürek bilen ýokary ösen damar ulgamy gizlenipdir» diýlip, ahalteke atlarynyň waspy ýene bir gezek ýetirilýär.





*Mylaýym deňiz hem arassa kenar.*







*Gacakcy – dor, 2006 ý.d.*
*Atasy: Keýmir*
*Enesi: Gülbahar*



*Atyň wepalylygy äleme aýan.*





*Ýeňişli bedew.*

Her bir türkmeniň howlusynda at bolupdyr, eger-de taýçanak dogulaýsa, onda bu habar edil çaga dogulandaky ýaly habar hökmünde obanyň ähli künjegine ýaýrapdyr. Bedewleriň lakamy hem bolmandyr – diňe öz atlary bolupdyr. Degişlilikde nesilleri hem çagalar hökmünde – ogly, gyzy, agtygy, çowlugy... diýlip atlandyrylypdyr. «Irden tur-da atańy gör, ondan soňra atyňy» diýlip, gadymy türkmen nakylynda hem aýdylýar.

Bu sözlere nähilidir bir zat goşmak kyn. Diňe olaryň paýhasyna haýran galmak, biziň ýüreklerimizde döredijі halka uly minnetdarlyk duýgusyny oýarýan we atalarymyzyň şöhratyna mynasyp işleri bilen öz Watanyny şöhratlandyrýan onuň ynamdar ogluna guwanaýmak galýar.







*Türkmeniň ucar bedewleri.*





*Her bir törüň bezegi.*







Gadymy tapyndylar
(atyň terrakotasy).



Pil süňkünden
ýasalan parfiýa
ritonynyň bölegi,
b.e.II asyry.
Sarahs oazisi.



Köneürgençden tapylan syrçaly plitkanyň bir bölegi, XIV asyr.



Parfiýaly atly, b.e. I asyryna degişli terrakota relýefi.









*Milli sungat – halyçylyk. Çeper elli halyçylaryň elinden çykan sungat eserleri.*







*Gözelligiň we syrdamlygyň enaýy sazlaşygy.*

*Akdag – gyr. 2002 ý.d.*
*Atasy: Meýdanly*
*Enesi: Maýa*







«Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň atçylyk muzeýiniň eksponatlary.





Türkmen bedewine buýsanç
hem guwanç.

Melenur – mele, 2007 ý.d.
Atasy: Gülistan
Enesi: Gülsary







*«Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň atçylyk muzeýiniň sungat eserleri.*



*«Ýylyň naýbaşy ahalteke bedewi» bäsleşiginiň geçiriliş pursady.*







Garagum çölüniň asuda gijesi.



*Dürli sesleri çykarmak arkaly «sözleşmegi» başarýan duýgur bedewler.*





# GANATLY BEDEWLER

Redaktorlar *Ş. Myratgulyýewa, N. Halymowa*
Teh. redaktor *O. Nurýagdyýewa*
Maslahatçy *E. Abalakow*
Kompýuter işleri *A. Aýdogdyýew, A. Korotkowa*

«Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň foto arhiwi

A – 56020. Çap etmäge rugsat edildi 01.03.2011.
Ölçegi 100x62$^{1}/_{8}$. Çap listi 32,0.
Sargyt № 530. Sany 1 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.